# Durmuş ýolunda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Durmuş ýolunda DURMUŞ ÝOLUNDA




Ýüz arzuwa bent eýleýip başymy,
Alyp ýene müň gussany egnime,
Gidip barýan mytdyl-mytdyl ýol ýöräp,
Ýol üstünde kä säginip eglene.
Ýolum ybaratdyr akyn-çukundan,
Tekiz ýol hem duşýar, dowamsyz örän.

Gidip barýan, gidip barýan mytdyldap,
Ýoluň ýagdaýyna – hiline görä.

Aýaklam ädilip baranok giňden,
Parh etmeýän ýaly ýoluň daşlygy.
Bir menzilde dynç alýaryn baş goýup,
Gapdalymda söýäp agyr goşlary.

Öňdäki ýolagçyň garasy ýiter,
Göwräňe büdürär yzdaky gelýän.
…Yzyna seretmän, öňe seredýän,
Wah, gara gözlerim bürülip gelýär.

Şyhmyrat ABDYLLAÝEW. Goşgular